# Ýeterlik söýgi

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýeterlik söýgi

ÝETERLIK SÖÝGI

Birazajyk mähir
Ýeterlik goşga,
Dolandyyp bersin eneler şony.
Birazajyk gujur
Ýeterlik goşga,
Dolandyryp bersin atalar şony.
Birazajyk ynam
Ýeterlik goşga,
Dolandyryp bersin bir sadyk oglan.
Birazajyk haýa
Ýeterlik goşga,
Dolandyryp bersin bir sada uýam.
Birazajyk heýjan
Ýeterlik goşga,
Dolandyryp bersin gerçekler şony.
Birazajyk hyýal
Ýeterlik goşga
Dolandyryp bersin aýdymlar şony.

Birazajyk sözler
Ýeterlik goşga,
Dolandyryp bersin baý diller şony.

Birazajyk söýgi
Ýeterlik goşga,
(Goşgy bu ýerde bir sakynyp durdy!)
Beýle zady
Kim getirsin öýüne?
(Goşgy bu ýerde, gör, bir oýa çümdi!)
Getirilmelimi? Baryp almaly?

Kimden alynmaly?
Ildenmi?
Ýa törüñe geçen eziz dostuňdan?
Belki, dolandyrsyn bir dilber ony.
Ýä tutuş bir dünýäň adamlaryndan?
Kimden alynmaly
Ýeterlik söýgi?
Kimden alynmaly
Ýeterlik mähir?
Bu zatlar  şahyra
Ömürlik gaýgy…

Gapur HOJA.

Goşgular